# Jon Kennediniñ Gitleri öwüp ýazan gündeligi satuwa çykaryldy

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Jon Kennediniñ Gitleri öwüp ýazan gündeligi satuwa çykaryldy

JON KENNEDINIÑ GITLERI ÖWÜP ÝAZAN GÜNDELIGI AUKSIONA ÇYKARYLDY

ABŞ-nyñ 35-nji Prezidenti Jon Fisjerald Kennediniñ Ikinji jahan urşunyñ soñky ýyllarynda ýöreden gündeligi auksionda 718 müñ 750 dollara satyldy.
Gündelikde Kennediniñ faşist lider Adolf Gitleri öwüp ýazan setirleri ünsi çekdi.
Auksiony gurnan "RR Auction"-yñ internet saýtynda paýlaşylan habara görä, 1945-nji ýylda "Hearst" gazetinde işlän ýigrimi sekiz ýaşly J.F.Kennedi işläp ýören döwürleri 61 sahypalyk gündelik tutupdyr. Başlangyç bahasy 200 müñ dollar diýip kesgitlenen gündelik ahyrynda 718 müñ 750 dollara satyldy.

■ 12 SAHYPASY ELDE ÝAZYLYPDYR

J.Kennedimiñ "gizlin" ýazuwlary bolan 12 sahypasy elde ýazylan gündeligiñ 49 sahypasy maşynkada ýazylypdyr.
Gündeligiñ ýazylan ýylynyñ maý aýynda Birleşen Milletler Guramasynyñ San-Fransiskodaky açylyş dabarasyna gatnaşan Kennedi iýun aýynda Angliýanyñ premýer-ministri Winston Çerçilliñ saýlaw kampaniýasyna synçy bolup gatnaşdy, yzyndanam Irlandiýada we Fransiýada boldy.

■ "ÝUGRUMUNDA LEGENDARLYGY DÖREDEN ALAMATLAR BARDY"

Şol wagtyñ deñiz güýçleri ministri bilen awgust aýynda Germaniýa giden wagtynda Gitleriñ öýüne we blindažyna aýlanyp gören Kennediniñ gündeligine ýazan sözleri ünsi özüne çekdi.

Kennedi gündeliginde Gitler hakynda "Bu ýerleri aýlanyp görenimde, Gitleriñ daş-töweregini gurşap alan haýu-waýlardan syrylyp birnäçe ýylyñ dowamynda nädip häzire çenli ýaşap geçen beýik şahsyýetlerden biri bolup bilendigine düşünersiñiz… Gitleriñ öz ýurduna bolan çäksiz söýgüsi ony dünýä parahatçylygyna abanýan howpa öwürdi. Muña garamazdan onuñ ömri we nähili ölendigi baradaky syr özünden soñam dowam etjek we jedele öwrüljek syr bolup durýardy. Ol ýugrumynda legendarlygy legendarlygy döreden alamatlary özünde saklaýardy" diýen sözleri ýazdy.

# sputniknews.com_2017

Edebiýat täzelikleri